# Mekdep bazarlary hereket edýär

***Şu günler ýurdumyzyň obadyr şäherlerindäki söwda nokatlarynda 2025-2026-njy okuw ýylyna taýýarlygyň çäklerinde guralan mekdep bazarlarynyň işi barha gyzyşýar. Olarda okuwçylara niýetlenen egin-eşikler, dürli okuw esbaplarydyr beýleki gerekli serişdeleriň köp görnüşleri alyjylara hödürlenilýär.***

1-nji awgustdan başlap ýaýbaňlandyrylan mekdep bazarlarynda ilata hödürlenilýän önümleriň köpüsi ýerli harytlardyr. Milli däplere we dünýä ülňülerine laýyklykda taýýarlanylan ýokary hilli önümler elýeterli bahadan ilata ýetirilýär. Neşir önümleriniň bezegi alym-mugallymlaryň we psihologlaryň ylmy hödürnamalary nazara alnyp, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna, şeýle hem ýurdumyzyň bilim syýasatynyň talaplaryna laýyklykda işlenip taýýarlanandyr.




Okuw esbaplarynyň söwdasy üçin ýurdumyz welaýatlarynda, paýtagtymyzyň bazarlarynda we söwda merkezlerinde ýörite nokatlar döredildi. Olardaky haryt bolçulygy ýurdumyzyň abadançylygyny, ýaş nesiller üçin ähli mümkinçilikleriň döredilýändigini alamatlandyrýar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены